**8. Firefighters training** – ýangyn söndürijiler üçin niýetlenen VR tehnologiýasy bolup, onuň kömegi bilen ýangyn dörän pursatlary nähilli hereket etmelidigini öwrenmäge mümkinçilik berýär. Onda wirtual reallykda ýangyny, tüssäni, kostýumda döreýän gyzgynlygy we şlangadan yzyna urýan basyşy duýup bolýar.

Ýangyn söndürijiler üçin adaty tejribeler tejribe meýdançalarda, konteýneriň içinde hakyky ýangyny, tüssäni, enjamlary, ulaglary ulanyp we adamlaryň gatnaşmagynda geçirilýär. Munuň esasy ýetmezçiligi bu tejribede ulanylýan zatlary diňe günüň dowamynda 2-3 gezek ulanmaklyk üçin gurnalýar. Wirtual reallykda bolsa çäksiz gezek tejribeleri geçirmäge mümkinçilik berýär.




